# Übtüjekler / kinniwanja kyssalar – Buzgaýmak

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Übtüjekler / kinniwanja kyssalar – Buzgaýmak Tomus.
Gijara.
Köpgatly, kaşaň jaýyň öňündäki meýdança çagalardan hümer.
Jaýyň birinji gatyndaky uly dükanyň girelgesine ýakynda, tekje görnüşli, gapagy aýnadan ýahdanlar düzüm-düzüm.
Içlerem akly-gyzylly, gara-ýaşyl buzgaýmakdan püre-pür.
Seretdigiň hyllygyň akyp başlaýar.
Buzdanlaryň golaýynda bäş ýaşlaryndaky oglanjyk dur.
Barly ýeriň çagasydygy bezemenje geýminden, akja ýüzünden, gelşiklije deňlenen saçlaryndanam bildirýär.
Ol buzdandaky buzgaýmaklary gultunyp synlaýar.
Dogrusy, "alnaýyn" diýse, mümkinçiligi ýok däl.
Daşaryk oýnamaga çykanda ejesiniň beren puluny gysymjygynda saklap dur.
Olam, buzgaýmakdan ýeke öz-ä däl, özi ýaly ýene-de bir ýoldaşy bilen gerk-gäbe bolaýyn diýse-de ýeterlik.
Emma, öňem gyzyp-derläp buzgaýmak iýenden soň basygy göterilip, düýn-öňňin gyzgyny gaýdyşypdy.
Ejesiniň-kakasynyň: "sowuk zat alnyp iýäýmegin" diýip, pugtadan-pugta tabşyranlaram hiç, olaryň gözüne görnüp iýjek bolup ýatan barmy diýseň, otyrýerindäki sanjym yzlarynyň henizem awap durmasy onuň elini-aýagyny baglaýar.
Iýesi gelibem içi byjyk-byjyk.
Şonuň üçinem, gözüne älemgoşaryň dürli reňklerinde öwşün atyp görünýän buzgaýmaklara dikilip, gidibem bilmän, alybam bilmän, iki jahan owarrasy bolup galan…
Ahyry, oglanjygyň buzgaýmak iýmäge bolan çensiz-çaksyz höwesini söbüginiň yzasy ýeňdi.
Ol umytsyz lapykeçlik bilen boýunjygyny burdy-da, ol ýerden gitmek üçin yzyna döndi.

Birdenem, jaýyň öňündäki baglygyň içinde, orulan ot üýşmeklerini demir arabajyk bilen daşap ýören, özünden birki ýaş uly oglanjyga gözi düşdi.
Bu oglanjyk şu ýaşaýyş jaýynyň töweregindäki serçemenlige idi-yssywat edýän bagbanyň ogludy. Köplenjem kakasyna kömekleşýärdi.
Oglanjygyň ýüzi ýagtyldy.
Ol kakasynyň öwredişi ýaly öýkenjigine sygdygyndan dem aldy-da, sygyryp goýberdi.
Bagbanyň ogly kellesini galdyrdy. “Maňa sygyrýaňmy-eý? Näme gerek?!” diýýän terzde yşarat etdi.
Oglanjyk ylgap onuň ýanyna bardy.
Çaga sadalygy bilen sen-de ýok men-de ýok, morta sorady:
-Seniň buzgaýmak iýesiň gelýärmi?!
Bagbanyň ogly düşünmedi.
-Näme diýýäň-aý, girdenek?! Soragyň dagy nätüýsli?!-diýip ol, özünden tutuşlygyna ýarym garyş pessejik oglanjygyň özüne göwnüýetmezçilik bilen sowal berdi:-Dagam, şu tüp yssyda buzgaýmak iýesi gelmeýän bolarmy?! Hälem, kakam işe gelenimizde ikisin-ä alyp berdi welin, onda-da, sähel işleseň derrew ýene-de iýesiňi getirip başlaberýär. A seň näme iýesiň gelmeýämi?!
-Iýesim gelýä.
-A onda näme soraýaň?! Menem seň ýalydyryn-da, seň iýesiň gelýän bolsa, meňem iýesim geler-dä!
Puluny gysymlaýan oglanjyk, bagbanyň oglunyň göwrejigine gelişmeýän apaň-apaň gürrüňine tyýkyrap durmady. Göwnüne geleni pertje suňşurdy:
-Onda ýör-dä, iýesiň gelýän bolsa, men saňa alyp bereýin! Hä?!
Bagbanyň ogly ýene-de düşünmedi:
-Näme üçin?!
-Meň bokurdagym agyrýar. Gutulýançam sowuk zat iýip bilemok. Şonuň üçinem saňa alyp berjek bolýan.
Bagbanyň ogly geň galdy. Ol: “Sen nä, samsykmy-aý?!” diýýän terzde oglanjygyň ýüzüne iňkisli garady.
-Meniň buzgaýmak iýenim bilen, özüň iýip bilmeseň saňa näme?!
-Meniň deregime sen iýersiň-dä!

Bagbanyň ogly oýurgandy. Öňünde duran girdenegiň gepinden gizlin many gözleýäne çalym etdi. Ahbetinem aýdylanyndan özge many tapman, özi üçin belli bir netijä geldi:
-Ýör, onda, alyp berseň!-diýdi-de, edip duran işini taşlap dükana ýöneldi.
Oglanjygam bökjekläp ondan galmady.
Bardylar.
Aldylar.
Daşy şykyrdawuk kagyzly, şokoladly, sop-sowugyndan iki sanysyny.
Göýä, ol: “oýun etdim, getir özüm iýjek” diýip eline ýapyşaýjak ýaly, gapdalynda gultunyp durana gabak astyndan şübheli garaýan bagbanyň ogly, daşynyň şykyrdawugy aýrylan buzgaýmaklaryň her haýsyny bir eline aldy. Gezekli-gezegine olary ýalap başlady.
Oňa tarap tiňkesini dikýän oglanjygam esli wagtlap seredip durandan soň, dillendi:
-Süýjümi?!
Garabaşygaý bolup buzgaýmak ýalaýan, sesini çykarman baş atdy. Soňam:
-Hümm!-etdi.
Oglanjyk kanagatlandy. Misli, täze dostunyň elindäki buzgaýmaklary özi iýýän dek, tämiz göwünjigine seleň şemal çalana döndi.
Hezillik!
Ikisem doýdular… Hekaýalar